# Kim bu zombiler?

Category: Kitapcy,Publisistika,Romanlar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kim bu zombiler? KIM BU ZOMBILER?

Ünsüñizi çekýärmi:
Öñler o diýen üns berilmeýän zombiler soñky ýyllarda populýar medeniýetiñ iñ köp ýüzlenýän temasyna öwrüldi!
Zombi fenomeni aýratynam «Golliwud» kinomatografiýa pudagynyñ täsiri bilen Günbatarda giñden ýaýrap gitdi…
Yzly-yzyna kinofilmler surata düşürilýär. **“Kung Fu Zombi”** ýa-da **“Noel baba zombilere garşy”** we ş.m… (Iñ gülkünji azerbaýjan kinofilmi: **“Ölüler Ölmiyirler**”).
Seriallar düşürilýär. Aýdym-saz albomlary çykarylýar. Romanlar ýazylýar.
Özem wideo-kompýuter oýunlarynyñ baş duşman obrazy kellesini 360 dereje öwrüp bilýän zombilerdir.
Zombiler “karizmatiki” wampirler ýaly däl…
Zombiler öç aljak bolýan ruhlar (призрак) ýaly-da däl…
Hortlak (mazardan çykyp dirileri gorkuzýan öli) däl, «möjek-adam» däl.
Ölümden soñ direlýän we ýaşaýan öli zombi adamlaryñ etini-beýnisini iýmegi halaýar, iýimsek, köplenç akylsyz, eýmenç, duýgusyz, gaharjañ-agressiw, aslynda bozulmaga başlan «gul adamdan» başga zat däldir…
Hakydasy, añy-huşy ýok, emma onuñ bu kemçiligi daşyndan bildirip duranok! Zombileriñ boş, bimany nazary bar, muña garamazdan haýwanlar ýaly üşükli…
Şeýle-de; olar **«ýolugyjydyr»**, bir dişlände adaty adamy özüne öwürmek arkaly geometriki taýdan köpelýär!
Zombilere bolan gyzyklanmalar artmasa kemelenok. Nämüçin?
Real durmuşda zombi ýokmy? Gözüñi gapjak derejede arzuw-hyýallara, emellere ýetmek üçin hiç zatdan gaýtmaýan we munuñ üçin wyždanynda seljerme geçirmäge zerurlyk duýmaýan, akyl-huşlaryny we ukyplaryny ýitiren, akmaklaşan-akmaklaşdyrylan adamlar ýokmy näme?

Ýeri, şeýlekin giñ ölçegli ünsümizi, duýgularymyzy we añ-zehin energiýamyzy nämûçin zombilere sarp edýäris?
Aslynda zombi bolanda näme bolýar?
Birem «Golliwud» kinofilmleriniñ hemmesiniñ diýen ýaly aşagynda ýazylmadyk subtitri bardyr:

## ■ SYÝASATYÑ DIL TERZI

Mesele diñe rowaýatpisint hekaýatlarda däl.
Mesele diñe folklor döredijiliginde hem däl.
Aslynda, zombi – adamy saýrylaşdyrmagyñ metaforasydyr, şertli dilidir.
Fransuz sosiology Žan Bodriýýaryñ sözi bilen aýdanymyzda, «kapitalimiziñ ýola goýşy ýaly ýaşamak – puluñ we bähbidiñ ritmlerine sazlaşykly ýaşamaga bolan meýil adamlaryñ içini köwüp taşlady.
Global gegemon güýçleriñ golastyndaky köpçülikleýin aragatnaşyk serişdeleri arkaly öñünde goýlan zadyñ arkasyny görüp bilmez ýaly derejede körleşdirilen adamlaryñ özi sözüñ doly manysynda zombä öwrüldi…
Şeýdibem… adamlar hakydasyny, rasionallygyny ýitirdi.
Adamlar hakykaty fantaziýadan, dogryny ýalandan aýyrma ukybyny ýitirdi.
Adamlar mähir-söýgüsini, hoşgylawlylygy, mylakatlylygy ýitirdi.
Adamlar azatlygyny-demokratik hukuklaryny ýitirdi.
Adamlar zombileşdi…
Şol sanda uly ykdysady-medeni okkupasiýa arkaly adamlaryñ añy ele geçirildi. Netijede adamlar doýmaz-dolmaz, tapan zady ýalmap-ýuwdup ýören açgöz, akylsyz, hondansy, tekepbir, egoist, galmagalçy, ünssüz we biperwaý mahluga dönderildi.
Adamy her aýdylan sözi «lepbeý» diýip ýerine ýetirýän mala öwürdiler.
Gadyrsyzlaşdyrylan, ýalñyzlaşdyrylan adamyñ syýasy pozisiýasy we özüni alyp barşy aýratynam soñky kyrk ýylda düýpgöter özgerdi.
Hakykat gymmatyny ýitirdi. Gelejege umyt bilen garamagyñ

ýerini her tüýsli gorky-howatyr gaplap aldy. Yzyndanam…
Kimdir biriniñ kesgitli garaýşy-pikiri hakykatyñ ornuna geçdi!
Siz müñ bir öwran metjitde içgi içmändigiñizi subut etseñizem, üýtgän zat bolmaz: indi fotomontaža güpbe ynanýan jemende bar!
Adamlar zombileşensoñ syýasatyñ dilem, terzem şoña görä bolup başlady. Mysal üçin:
*– Oppozosiýanyñ orta atan sowalam ýalan, ýeke-täk hakykaty aýdýan diñe häkimiýetdir! Şonuñ üçinem, ykdysady krisiziñ sebäbi we sebäpkärem oppozisiýadyr…*
*– Hakykaty ýazýanlar, dilleñýänler «halk duşmanydyr»…*
*– Kim bolsa bolaýsyn, tapawudy ýok: häkimiýeti tankyt edýän her kes «terrorçydyr»…*
*Häkimiýetiñ gözünde bu çapawulçylaryñ hemmesi özüne ses berýänlere – ýagny, halkyñ eradasyna garşy çykýan bozgaklardyr!*
Häkimiýetleriñ awtoritar diýdimzorluklaryndan-dürre urgularyndan ýadan gatlaklar ýesir alynyp, şeýde-şeýde faşizme boýun eger ýaly edildi.

## ■ ÖWREDILEN AKMAKLYK

Añy eýelenen zombileriñ yzyna diñe syýasatda gabat gelemzok.
Pandemiýa döwründe «ylym» diýilýän närsäni jedel edilmesiz ynanja-dine öwürdiler!
Her aýdylýan zady soragsyz-sowalsyz kabul etmegimize, awtoritarizme boýun egmegimize garaşylýar. Geñ galar ýaly zadam ýok:
Adamlar kyrk ýyl bäri durmuşlarynyñ neoliberalizm bilen bazar güýçleriniñ arasynda ýolmalanmagyna, gymyldy-hereketleriniñ şekillendirilmegine sesini çykarmady. «Öwrenilen-öwredilen akmaklyk» dünýäni gurşap aldy.
Adamzat ýesir alyndy.
Adamlaryñ erkin eradasy, azat erk-ygtyýarlygy öldürildi.
Adamda logika, prinsip diýilýän zatlar gözlenmez ýaly derejä geldi.
Netijede şu jümläni zol-zol eşdeñzokmy näme:
«Adamzadyñ boljagy boldy!»

Günüñ güni gazet habarlarynda, gündelik habarlar gepleşiginde aklyña-huşuña gelmejek wakalary okamaýarysmy, tomaşa etmeýärismi näme?
Gumanizm (adamkärçilik, ynsanperwerlik) öldi! Warwarlyk üstün çykdy!
Egoistleşdirilen adam ahyrynda pula çokunýan zombä öwrüldi!
Adamlar zombiniñ öçügsi ýüzi ýaly mundan soñ hiç wagtam ýüzi gyzarmajak, eden aýyp işinden utanmajak, eden gabahatlygyndan müýn duýmajak närsä öwrüldi…
Aslynda zombi «neoliberal obýekt» diýip at berilen ýurdumyzda-da az gabat gelenok.
Adamlaryñ zombilere öwrülýän döwründe «akylly enjamlar»-emeli añly tehnologiýa adamyñ ýerini alýar. Bulam tötänlik bolmasa gerek…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 26.02.2021 ý. Publisistika